# Ýigriminji asyr

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýigriminji asyr ÝIGRIMINJI ASYR

Adam bu gün ýetdi ýigit ýaşyna,
Güýji artdy,
Artdy aňy-akyly.
Bagly bu gün onuň tutan işine,
Dünýäniň ykbaly,
Döwrüň akymy.

Ol suwda ýüzüp ýör,
Gökde uçup ýör,
Barlap ýör,
Dörüp ýör ýeriň teýini.
Gadymýetiň syrlaryny açyp ýör,
Adam bu gün öwrenip ýör öýüni.

Tilsim bilen Aýdan toprak getirdip,
Owradyp ýör Arktikaň buzuny.
Nähoşlana täze ýürek oturdyp,
Gelejege taýýarlap ýör özüni.

Ýöne, ol bolsa-da şunça akylly,
Bilse-de özüni,
Bilse-de aslyn,
Aýdaýaýyn, bolmasa-da ýakymly,
Birje mesele
Asgyn ol,
Asgyn!

Ynha, söbügini sydyrdyp güýzüň,
Hazlap, ýetip gelýär ýagy ýaly gyş.
Garry ene otyr gujaklap dyzyn,
Jaýyň petiginden syzyl dur ýagyş.

Haýyş ede-ede,
Arz ede-ede,
Ol edara gatnap tozdurdy köwüş.
Her gezek diýdiler: – Alaç ýok, çyda,
Fondumyz gutardy,
Ene jan, oňuş!

Ene oňşuklydy,
Oňuşdy ýördi,
Emma görünmedi wadalaň yzy.
Işgärler çalyşdy,
Kimiň nä derdi,
Garaşa-garaşa düşürdi güýzi!

On aý bäri arşda adam gezip ýör,
Bu gudrata bu gün seredýär älem.
Ýöne welin, döwrüň özge derdi bar –
Ýagyş geçýär enäň öýünden hälem!

Ýigriminji asyr,
Gudratly asyr,
Garaşmaly niçe hepde, niçe gün?!
Güýç, serişde tapyp bolmazmy asyl,
Bejermäge garry enäň üçegin?!

…Segsen ýaşly kempir nalaç dymyp dur,
Ýok, ol häzir arzuwlanok ýüz ýaşy.
Petikden syrygyp damja damyp dur,
Ýok, damja däl,
Ol – asyryň gözýaşy.

Tirkeş SADYKOW. Goşgular